**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 26-njy iýunyndaky №47-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-kazyýet "Türkmenistanyň kazyýetleriniň raýat, jenaýat, adminstratiw we arbitraž işleri boýunça hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## Umumy düzgünler

Türkmenistanyň kazyýetleriniň raýat, jenaýat administratiw we arbitraž işleri boýunça Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş.boýunça jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan bellenilen tertipde düzülýär we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrylýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we onuň düzüm birlikleri **№1-kazyýet** "Türkmenistanyň kazyýetleriniň raýat, jenaýat, administratiw we arbitraž işleri boýunça hasabat" atly statistik ýyllyk formany dolduryp, aşakdaky tertipde we möhletlerde gijä galman tabşyrylýar:

1. Etrap (şäher) kazyýetleri – welaýat, Aşgabat şäher we Arkadag şäher kazyýetlerine hasabat döwründen soň aýyň 2-ne;
2. Welaýat, Aşgabat şäher we Arkadag şäher kazyýetleri - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine hasabat döwründen soň aýyň 4-ne;
3. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti - Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine hasabat döwründen soň aýyň 10-na.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiň bu statistiki formasynda görkezilýän maglumatlar gizlindir we ony bellenilen tertipde ýapyk çäkli maglumat hökmünde peýdalanmalydyr.

## 1 BÖLÜM.
## RAÝAT IŞLERI BOÝUNÇA HEREKET

Statistik hasabaty kazyýetlerde raýat işleri boýunça hasabat raýat hasabat-statistiki kartoçkalary, alimentleri almak baradaky materiallar, çykarylan habar hatlary, hasaba alyş žurnaly we beýleki ilkinji resminamalar esasynda düzülýär.

Hasabat döwründe umumy seredilen işler, olardan çözgüt çykarylany we hak işleýiş arzanyň kanagatlandyrylany, önümçilikden bes edileni, seredilmän galdyrylany, olar boýunça iş ýörediş möhletiň berjaý edilişi we seredilmän galan işler nazara alynmalydyr. Eger hak işleýiş arzanyň belli bir bölegi kanagatlandyrylyp, galan bölegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa, hasabatda hak işleýiş arza kanagatlandyrylan hökmünde görkezilmelidir. Bu tertip işe dikeltmek, ýaşaýyş jaýyndan çykarmak, nika bozmak baradaky işlerde ulanylmaga degişli däldir.

Bir raýat işi boýunça garşylykly hak işleýiş arza hem seredilen bolsa, hasabatda başdaky berilen hak işleýiş arza boýunça gelinen netije görkezilmelidir. Kazyýet kararlary nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde sökülip, gaýtadan kazyýete gelen raýat işlerine täzeden hasabat statistiki kartoçkalar açylyp, olar işleriň umumy hasabyna goşulmalydyr.

Raýat işlerine seredilýän döwür arzanyň bellige alnan gününden başlap, işe düýp manysy boýunça seredilýän ýa-da işiň önümçilikden ýatyrylan ýa-da seretmän galdyrmak barada çözgüt çykarylan gününe çenli aralygy öz içine alýar. Eger iş boýunça gysga döwürde ýa-da umumy döwürden seredilmeli arzalar geçýän bolsa, onda önümçilikde raýat işine seredilýän döwür umumy döwür hasap edilmelidir.

Raýat işiniň önümçiliginiň togtadylan ýa-da nika bozmak baradaky işler boýunça taraplara ýaraşmak üçin berilen möhlet, işiň seredilmeli umumy prosessual möhletine girmeýär.

Maglumatlar formada getirilen ölçeg birliklerine laýyklykda görkezilýär. 32-35-nji we 37-40-nji setirleriniň maglumatlary oturdan soň ondan bir bellikli sanlarynda, galanlar – bitin sanlarynda görkezilýär.

01-nji setirde jemi seredilen raýat işleriniň umumy sany, 02-nji setirde möhleti bozulyp seredilen işleriň sany görkezilýär. 03-nji setirde prokuroryň gatnaşmagy bilen seredilen işleriň sany aýratyn setirde görkezilýär.

04–nji setirde seredilip çözgüt çykarylan raýat işleriniň umumy sany görkezilip, aşakdaky görnüşlere bölünýär:

- hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan işler- 05-nji setir;
- emlägi tussagdan boşatmak barada işler - 06-njy setir,
- şolardan hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan - 07-nji setir;
- mallaryň gyrylmagy bilen baglanşykly işler - 08-nji setir,
- şolardan hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan - 09-njy setir.

10-njy setirde Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan hakyky görnüşde tölenmeli edilen maddy zyýanyň (mallaryň) umumy sany görkezilip, aşakdaky mallaryň görnüşlerine bölünýär:

- iri şahly mallarynyň sany - 11-nji setir;
- ownuk şahly mallarynyň sany - 12-nji setir;
- beýleki mallaryň sany - 13-nji setir;

11-nji,12-nji we 13-nji setirleriniň jemi 10-njy setire deň gelmelidir.

14-nji setirde Türkmenistanyň kazyýetleri tarapyndan hakyky görnüşde töletdirilen maddy zyýanyň (mallaryň) umumy möçberi görkezilip, aşakdaky mallaryň görnüşlerine görä setirleýin şol sanda bölünýär:

- iri şahly mallarynyň sanyna- 15-nji setir
- ownuk şahly mallarynyň sanyna- 16-njy setir;
- beýleki mallaryň sanyna- 17-nji setir;

15-nji,16-njy we 17-nji setirleriniň jemi 14-nji setiriň maglumatyna deň gelmelidir.

18–nji setirde ýaşaýyş jaýlar bilen baglanyşykly işleriň sany, şolardan hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan işleriň sany aýratyn 19-njy setirde hem görkezilýär.

20–nji setirde işe dikeltmek barada işleriň sany, şolardan hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan işleriň sany aýratyn 21-nji setirde hem görkezilýär.

22–nji setirde namysy we mertebäni goramak barada işleriň sany, şolardan hak işleýiş arzalary kanagatlandyrylan işleriň sany aýratyn 23-nji setirde hem görkezilýär.

24-nji setirde biri daşary ýurtly ýuridiki tarap ýa-da raýat bolan işleriň sany aýratyn setirde görkezilýär.

25–nji setirde nägilelik tertipde seredilen işleriniň jemi sanyny görkezilip, aşakdaky görnüşlere setirleýin şol sanda bölünýär:

- nägilelik tertipde sökülen çözgütleriň sanyna - 26-njy setir,
- nägilelik tertipde üýtgedilen çözgütleriň sanyna – 27-nji setir .

28–nji setirde gözegçilik tertipde seredilen işleriň sany görkezilip, aşakdaky görnüşlere setirleýin şol sanda bölünýär:

- gözegçilik tertipde sökülen çözgütleriň sanyna - 29-njy setir,
- gözegçilik tertipde üýtgedilen çözgütleriň sanyna - 30-njy setir .

Döwletiň haýryna alnan döwlet pajy boýunça işleriniň sany 31-nji setirde bellenilip, şolaryň pul serişdeleriniň möçberi 32-nji setirde müň manatda, 33-35–nji setirlerde bolsa beýleki pullarda görkezilýär.

36-njy setirde döwlet pajyny tölemekden boşadylan raýat işleriniň sany bellenilip, şolaryň pul serişdeleriniň möçberi 37-nji setirde müň manatda, 38-40-njy setirlerde bolsa beýleki pullarda görkezilýär.

41-nji setir adamy bejergi almak üçin dikeldiş merkezine ibermek boýunça seredilen işleriniň sany görkezilýär. 42-nji setirde iberilen habar hatlar (gelen jogaplar) barada maglumat görkezilýär.

# 2 BÖLÜM.
# JENAÝAT IŞLERI BOÝUNÇA HEREKET

Jenaýat işleriň seredilmegi bilen baglanyşykly maglumatlar baradaky kazyýetiň hasabaty, jenaýat işleri boýunça hasabat statistiki kartoçkalaryň, hökümiň ýerine ýetirilmeginiň, profilaktiki çäreleriniň geçirilmeginiň hasaba alyş we kazyýetde iş dolandyryjylygy boýunça gollanmada göz öňünde tutulan beýleki žurnallaryň esasynda düzülýär.

Hasabatda seredilmän galan, şol sanda togtadylan işler öňündäki hasabat aýyna geçýär, gaýry maglumatlar seredilen işler boýunça görkezilýär.

Jenaýat işlerine seretmegiň hasaba alynýan döwri işiň bellige alnan gününden işe seredilip başlanan gününe çenli aralygy öz içine alýar, işiň iş ýöretmek boýunça kanunyň esasynda togtadylan wagty bu döwre goşulmaýar we işiň dikeldilen gününden dowam edip başlaýar.

Ruhy taýdan näsagdygy sebäpli jenaýat jogapkärçiliginden boşadylyp, lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş çäresi ulanylanlaryň işleri seredilen hökmünde, emma psihozdan çykýança lukmançylyk häsiýetli mejbury bejeriş bellenilen işler seredilmän togtadylan işler hökmünde hasabatda görkezilmelidir.

Goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin gaýtarylyp ýa-da bölünip aýrylyp täzeden derňelip gelen, şeýle-de kazyýet kararlary nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde sökülip, gaýtadan kazyýete gelen jenaýat işlerine täzeden hasabat-statistiki kartoçkalar açylyp, olar işleriň umumy hasabyna goşulmalydyr.

Eger-de birnäçe adam baradaky jenaýat işine nägilelik tertibinde seredilip, hökümiň diňe bir adam baradaky bölegi sökülse ýa-da üýtgedilse, hasabata diňe adam sany goşulmalydyr. Eger-de gözegçilik tertibinde iş boýunça nägilelik basgançagyň kesgitnamasy sökülip, işe şol bir kazyýet tarapyndan täzeden nägilelik tertibinde seredilen halatynda aýratynlykda hasaba alynmalydyr.

01-nji setirde jenaýat işleriniň birlik sany, 02-nji setirde şol jenaýat işleriniň adam sany görkezilýär.

Hasabat döwründe höküm çykarylan işleriň sany - 03-nji setirde, höküm çykarylan işleriň adam sany - 04-nji setirde görkezililip, aşakdaky adam sanyna şol sanda bölünýär:

- iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmedikler- 05-nji setir,
- aýallar - 06-njy setir,
- harby gullukçylar - 07-nji setir

Harby gullukçylar hem, öz gezeginde, esgerleriň we pensionerleriň sanyna şolardan bölünip, aýratyn 08-09-njy setirlerde görkezilýär.

10-njy setirde daşary ýurtly raýatlar boýunça seredilen işleriniň sany we 11-nji setirde – adam sany görkezilýär. Daşary ýurtly raýatlar barada seredilen işleriniň we adamlaryň sany daşary ýurtlar (Azerbaýjan, Belorussiýa, Ermenistan, Eýran, Gazagystan, Gruziýa, Gyrgyzystan, Owganystan, Özbegistan, Müsür döwleti, Russiýa, Täjigistan, Türkiýe we beýleki ýurtlar) boýunça 12-43-nji setirlere bölünilip, jikme-jik görkezilýär.

44-nji setirde möhleti bozulyp seredilen jenaýat işleriniň sany görkezilýär.

TJK-nyň 327-335 belgili maddalary bilen (neşe bilen baglanyşykly işler) iş kesilenleriň işleriň sany - 45-nji setirde we olaryň adam sany - 46-njy setirde görkezilýär.

TJK-nyň 327-nji belgili maddasy boýunça şolardan iş kesilenleriň işleriň sany- 47-nji setirde we olaryň adam sany – 48-nji setirde aýratyn setirlerde görkezilýär hem-de TJK-nyň - 327-nji belgili maddasynyň 3-nji bölegi boýunça iş kesilenleriň işleriň sany- 49-njy setirde we olaryň adam sany - 50-nji setirde aýratyn setirlerde hem bellenilýär.

TJK-nyň - 276-njy belgili maddasy bilen (kontrabanda) iş kesilenleriň adam sany - 51-nji setirde görkezilýär, şolardan TJK-nyň -276-njy belgili maddasynyň 3,4-nji bölegi boýunça iş kesilenleriň adam sany - 52-nji setirde aýratyn hem bellenilýär.

TJK-nyň-301-nji belgili maddasy bilen ( banditçilik) iş kesilenleriň adam sany -53-nji setirde görkezilýär.

TJK-nyň 293-nji belgili maddasy bilen (terrorçylyk) iş kesilenleriň adam sany 54-nji setirde görkezilýär.

TJK-nyň 101-nji belgili maddasynyň 1,2 bölekleri bilen (bilkastlaýyn adam öldürmek)

iş kesilenleriň adam sany -55-nji setirde görkezilýär, şolardan TJK-nyň 101-nji belgili maddasynyň 2-nji bölegi boýunça iş kesilenleriň adam sany -56-njy setirde aýratyn hem bellenilýär.

TJK-nyň 132-nji belgili maddasy bilen (zorlamak) iş kesilenleriň adam sany - 57-nji setirde görkezilýär, şolardan TJK-nyň 132-nji belgili maddasynyň 3-nji bölegi boýunça iş kesilenleriň adam sany - 58-nji setirde aýratyn hem bellenilýär.

TJK-nyň 247-253-nji belgili maddalary bilen (döwlet eýeçiligine, daýhan birleşikleriniň eýeçiligine, jemgyýetçilik edaralara, hususy kärhanalara ogurlyk, talaňçylyk, kezzapçylyk, wezipäni hyýanatly peýdalanmak arkaly iýmek, dargatmak ýoly bilen ýetirilen zyýanlar)) iş kesilenleriň adam sany-59-njy setirde görkezilýär, şolardan TJK-nyň 247-nji belgili maddasynyň 4-nji bölegi, 250-nji belgili maddasynyň 4-nji bölegi boýunça iş kesilenleriň adam sany -60-njy setirde we azatlykdan mahrum bolmadyklaryň adam sany -61-nji setirde aýratyn hem bellenilýär.

TJK-nyň 247-253-nji maddalary bilen (raýatlaryň eýeçiligine ýetirilen zyýanlar, ogurlyk, talaňçylyk, kezzapçylyk, garakçylyk, gorkuzyp almak) iş kesilenleriň umumy adam sany 62-nji setirde görkezilýär we aşakdaky maddalar boýunça adam sanyna bölünilýär:

-TJK-nyň 263-nji maddasynyň 3-nji bölegi bilen iş kesilenler -63-nji setir,
-TJK-nyň 263-nji maddasynyň 2-nji böleginiň "ç" bendi bilen iş kesilenler-64-nji setir,
-TJK-nyň 263-nji maddasy bilen iş kesilenler (Bikanun ýol bilen edinilen pul serişdelerini we başga emlägi kanunlaşdyrylmagy)-65-nji setir, şolardan: Muzdsuz alnan emläkleriň möçberi-66-njy setir,

Şolardan muzdsuz alnan jaýlar, hususylaşdyrylan jaýlar, myhmanhanalar we beýleki guramalar-67-nji setir, şolardan muzdsuz alnan ulag serişdeler-68-nji setir, şolardan pul serişdeleri 69-njy setir,

möçberi müň manatda-70-nji setir,
möçberi beýleki pullarda:-71- nji setir,
möçberi müň manat-72- nji setir.

TJK-nyň jemi maddalary bilen iş kesilip we azatlykdan mahrum bolmadyk jezasy bellenilen (harby şahslarynyň) umumy adam sany 73-nji setir setirde görkezilýär we aşakdaky jezalaryň görnüşleri boýunça toparlara bölünilýär:

-TJK-nyň 67-nji maddasy boýunça adam sany -74-nji setir,
-TJK-nyň 77-nji maddasy boýunça adam sany - 75-njy setir,
-harby düzediş işler boýunça adam sany - 76-njy setir.
-jerime boýunça adam sany -77-nji setir setir.
-jerimäň möçberi boýunça, manatda - 78-njy setir,
-belli bir ýerde ýaşamak borjy ýüklenen adam sany -79-82-nji setirlerde.

Şolardan:83-nji setirde maddy-jogapkärçilikli adamlara goşmaça jeza çäresi bellenilmedik adam sany görkezilýär.

84-nji setirde aklaw hökümi çykarylan işleriniň birlik sany, 85-nji setirde şol aklaw hökümi çykarylan işleriniň adam sany görkezilýär, şolardan setirleýin soň nägilelik ýa-da gözegçilik tertipde sökülenleri ýa-da üýtgedilenleri işleriniň birlik sany 86-njy setirde görkezilýär.

87-nji setirde Seresapsyzlyk sebäpli jenaýat edip adamyň ölmegine sebäp bolanlara azatlykdan mahrum etmezden jeza çäresi bellenilen adam sany görkezilýär.

88-nji setirde Türkmenistanyň Prezidentiniň „Amnistiýa hakyndaky“ Permany ulanylan umumy adam sany görkezilýär we işleriň görnüşleri boýunça aşakdakylara bölünýär:

- jeza çekmekden boşadylan adam sany - 89-njy setir,
- jezasy kemeldilen adam sany - 90-njy setir,
- işi önümçilikden ýatyrylan işleriniň adam sany – 91-nji setir.

Deslapky derňewe gaýtarylan umumy işleriniň sany (92-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (93-nji setirde) görkezilýär we işleriň görnüşleri boýunça aşakdakylara bölünilýär:

- 1-nji basgançakly boýunça gaýtarylanlar boýunça işleriniň sany (94-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (95-nji setirde),

- nägilelik tertipde höküm sökülen soň işleriniň sany ( 96-njy setirde) we şolar boýunça adam sany (97-njy setirde).

- gözegçilik tertipde höküm sökülen soň işleriniň sany (98-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (99-njy setirde).

- soňra nägilelik ýa-da gözegçilik tertipde sökülen işleriniň sany (100-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (101-nji setirde).

Nägilelik tertipde seredilen jenaýat işleriniň umumy sany (102-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (103-nji setirde) görkezilýär we işleriň görnüşleri boýunça aşakdakylara bölünilýär:

- sökülen hökümler işleriniň sany (104-nji setirde ) we şolar boýunça adam sany (105-nji setirde ) görkezilýär.

- ýeňil jeza bellenilendigi sebäpli sökülen hökümleriň jemi iş we adam sany (106-107-nji setirlerde) görkezilýär.

- Üýtgedilen hökümler boýunça iş we adam sany (108-109-nji setirlerde) görkezilýär. Şolardan, jeza çäresi kemeldilen işleriniň birlik we adam sany (110-111-nji setirlerde).

Gözegçilk tertipde seredilen jenaýat işleriniň umumy sany (112-nji setirde) we şolar boýunça adam sany (113-nji setirde) görkezilýär we işleriň görnüşleri boýunça aşakdakylara bölünilýär:

- sökülen hökümler boýunça işleriniň sany (114-njy setirde) we şolar boýunça adam sany (115-nji setirde) görkezilýär.

- ýeňil jeza çäresi sebäpli sökülen hökümleriň jemi iş we adam sany (116-117-nji setirlerde) aýratyn bellenilýär.

- üýtgedilen hökümler boýunça iş we adam sany (118-119-nji setirlerde) görkezilýär. Şolardan, jeza çäresi kemeldilen işleriniň birlik we adam sany (120-121-nji setirlerde).

Höküm öňkiliginde galyp sökülen nägilelik kesgitnamalar we gözegçilik tertipdäki kararlaryň sany - 122-nji setirde we adam sany - 123-nji setirde görkezilýär.

124-nji setirde jenaýat işleriniň öňüni alyş işleriniň umumy sany görkezilýär we görnüşler boýunça aşakdakylara bölünilýär:

- hususy kesgitnamalar (gelen jogaplar) boýunça –125-nji setir.
- leksiýalar - 126-njy setir,
- göçme kazyýet mejlisler boýunça - 127-nji setir,
- radio, metbugat, telewideniýe - 128-nji setir.

Kazyýetiň işgärleri tarapyndan geçirilen jenaýatyň öňüni alyş çäreleri, şol sanda hususy kesgitnamalar, leksiýalar, duşuşyklar, radio da, metbugatda, telewideniýede çykyşlar we göçme kazyýet mejlisleri göz öňünde tutulmalydyr. Eger bir hususy kesgitnama birnäçe salgy boýunça çykarylan bolsa, onda hususy kesgitnama iberilýän salgynyň sanyna görä hasaplanmalydyr. Hususy kesgitnamalar boýunça alnan jogaplaryň sany görkezilende, diňe hasabat döwründe çykarylan kesgitnamalaryň jogaplary nazara alynmalydyr.

Seredilmedik işleriň sany – 129-njy setirde görkezilýär. Şolardan, gözleg yglan edilendigi sebäpli işleriň sany (130-njy setirde) we möhleti bozulan sebäpli işleriň sany (131-nji setirde ) aýratyn hem bellenilýär.

132-nji setirde emlagi muzdsuz almak (maddy subutnamalar hem-de günäkäriň hereketleri boýunça jenaýatyň guraly diýlip muzdsuz alnanlar) boýunça umumy iş sany we adam sany 133-nji setir görkezilýär we görnüşler boýunça aşakdakylara bölünýär:

- muzdsuz alnan ulag serişdeleriniň sany –134-nji setir,
- muzdsuz alnan jaýlaryň, hususylaşdyrylan jaýlarynyň, myhmanhanalaryň we beýleki-guramalaryň sany –135-nji setir,
- gymmat metallar we daşlaryň agramy grammda 136-njy setir;
- 137-nji setirde pul serişdeleriň möçberi müň manatda we beýleki pullarda (138-140-njy setirler);
- 141-nji setirde beýleki goşlar müň manatda - we beýleki pullarda - 142 setir;
- reňkli metallaryň we simaplaryň agramy (kilogrammda) - 143-nji setir.

144-nji setirde azatlykdan mahrum bolmadyk jezasy bellenilen iş kesilenleriň umumy adam sany görkezilýär we şolardan aşakdaky toparlara bölünilýär:

- kämillik ýaşyna ýetmedikleriň adam sany - 145-nji setir;
- aýallaryň adam sany - 146-njy setir;

- maýyplaryň adam sany –147-nji setir ;
- daşary ýurt raýatlaryň sany –148-nji setir;
- harby gullukçylaryň adam sany –149-njy setir.

150-nji setirde hukuk goraýjy organlaryň, migrasiýa gullugynyň, gümrükhanalaryň iş kesilenleriň jemi işgärleriň sany görkezilýär we şolardan aşakdakylara bölünilýär:

- Içeri işler ministrligiň işgärleriniň sany - 151-nji setir;
- Milli howpsuzlyk ministrliginiň işgärleriniň sany - 152-nji setir;
- Prokuraturanyň işgärleriniň sany –153-njy setir;
- Kazyýet ulgamynyň işgärleriniň sany –154-nji setir;
- Adalat ministrliginiň işgärleriniň sany –155-nji setir;
- Migrasiýa gullugynyň işgärleriniň sany –156-njy setir;
- Gümrükhanalaryň işgärleriniň sany –157-nji setir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň “Amnistiýa hakyndaky” we “Günä geçmek hakyndaky” Permanlary ulanylan adamlaryň jemi sany - 158-nji setirde görkezilýär, şolardan “Amnistiýa hakyndaky” Permany boýunça ulanylan adamlaryň sany - 159-njy setirde we “Günä geçmek hakyndaky” Permany boýunça ulanylan adamlaryň sany - 160-njy setirde aýratyn hem bellenilýär.

TJK-nyň 136-140-njy maddalary bilen iş kesilen adamlaryň sany - 161-nji setirde we şol maddalary bilen iş kesilenleriň adam sany 162-nji setirde görkezilýär.

Iş kesilenleriň TJK-nyň 49-njy maddasy ulanylan işleriň sany - 163-nji setirde we şolaryň adam sany 164-nji setirde görkezilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany boýunça öň günäsi geçilip, täzeden iş kesilen adamlaryň sany –165-nji setirde görkezilýär.

Seredilen administratiw hukuk bozulmalary baradaky işleriň sany - 166-njy setirde görkezilýär. Şolardan, 360, 361 maddalar (jelepçilik bilen meşgullanylmagy) boýunça işleriň sany (167-nji setirde) we adam sany (168-nji setirde) aýratyn setirlerde hem bellenilýär.

169-170-nji setirlerde administratiw hukuk bozulmalary baradaky işler boýunça bellenen jerimeleriň möçberi (müň manatda) görkezilýär.

171-nji setirde administratiw hukuk bozulmalary baradaky işler boýunça muzdsuz alnan emlägiň umumy möçberi (müň manatda) görkezilýär we 172-nji setirde başga pulda gorkezilýär.

## 3 BÖLÜM.
## ADMINISTRATIW IŞLERI BOÝUNÇA HEREKET

Statistik hasabaty kazyýetlerde administratiw işleri boýunça hasabat administratiw hasabat-statistiki kartoçkalary, çykarylan habar hatlary, hasaba alyş žurnaly we beýleki ilkinji resminamalar esasynda düzülýär.

Administratiw işleriň möhleti hasaplananda arzanyň hasaba alnan, oňa düýp manysy boýunça seredilen gününden başlap çözgüt çykarylan ýa-da işiň önümçilikden bes edilen ýa-da işe seredilmän galdyrmak barada kesgitnama çykarylan gününe çenli aralykdaky döwür hasaba alynmalydyr.

Işiň önümçilikden kanuny esasda togtadylan wagty onuň seredilmeli prosessual möhletine girmeýär.

01-nji setirde seredilen administratiw işleriň umumy sany görkezilýär. 02-nji setirde möhleti bozulyp seredilen işleriň sany görkezilýär.

03-nji setirde seredilen çözgüt çykarylan administratiw işleriň sany görkezilýär we şolardan görnüşleri boýunça 04-08-nji setirler boýunça bölünýär. 09-njy setirde berlen hususy arzalar boýunça (gelen jogaplar) işleriň sany görkezilýär.

10-njy setirde döwletiň haýryna alynan paçlar görkezilýär we 11-nji setirde olaryň möçberi müň manatda görkezilmeli. 12-14-nji setirlerde möçberi beýleki pullarda görkezilýär.

15-nji setirde döwlet pajyny tölemekden boşadylan işleriň sany we 16-njy setirde möçberi müň manatda görkezilýär. 17-nji setirde nägilelik tertipde seredilen işleriň sany we şolardan 18-19-njy setirde nägilelik tertipde sökülen we üýtgedilen çözgütler barada maglumat görkezilýär. 20-nji setirde ýokary nägilelik tertipde seredilen işleriň sany we 21-22-nji setirlerde ýokary nägilelik tertipde sökülen we üýtgedilen çözgütler barada maglumat görkezilýär.

## 4 BÖLÜM.
## ARBITRAŽ IŞLERI BOÝUNÇA HEREKET

Statistik hasabaty kazyýetlerde arbitraž işleri boýunça hasabat arbitraž işleriniň hasabat-kartoçkalary, çykarylan hususy kesgitnamalar, hasaba alyş žurnaly we gaýry ilkinji resminamalaryň esasynda düzülýär.

Arbitraź işleriniň alnyp barylmaly möhletleri hasaplananda arzanyň hasaba alnan, oňa düýp manysy boýunça seredilen gününden başlap çözgüt çykarylan ýa-da işiň önümçilikden ýatyrylan ýa-da işe seretmegiň bes etmek barada kesgitleme çykarylan gününe çenli aralykdaky döwür alynmalydyr.

Işiň önümçilikden kanuny esasda togtadylan wagty onuň seredilmeli prosessual möhletine girmeýär.

***Maglumatlar*** formada getirilen ölçeg birliklerine laýyklykda görkezilýär. 12-21-nji we 23-26-njy setirleriniň maglumatlary oturdan soň ondan bir bellikli sanlarda, galanlar – bitin sanlarda görkezilýär.

01-nji setirde jemi seredilen arbiraž işleriniň sany, 02-nji setirde bolsa möhleti bozulyp seredilen işleriniň sany görkezilýär.

03–nji setirde jemi seredilip çözgüt çykarylan arbiraž işleriniň sany görkezilip, şolaryň içinden aşakdaky görnüşlere setirleýin bölünýär:

- hak isleýiş arzalary kanagatlandyrylan işleriniň sanyna- 04-nji setir;
- şertnama baglaşmak, üýtgetmek we ýatyrmak bilen baglanyşykly işleriniň sanyna - 05-nji setir;
- hasaplaşyk we emläk bilen baglanyşykly işleriniň sanyna - 06-njy setir;
- kadalaýyn häsiýetli bolmadyk delilnamalary hakyky däl diýip hasap etmek baradaky işleriniň sanyna - 07-nji setir;
- batan diýip ykrar etmek baradaky işleriniň sanyna - 08-nji setir;
- biri daşary ýurtly ýuridiki tarap bolan işleriniň sany - 09-njy setir.

10-njy setirde çykarylan hususy kesgitnamalarynyň (gelen jogaplaryň) sany aýratyn setirde görkezilýär.

11-nji setirde döwletiň haýryna alnan paçly işleriniň sany görkezilýär, şolaryň pul serişdeleriniň görnüşleri boýunça bölünýär:

- müň manatda (12-nji setirde);
- beýleki pullarda (13-15-nji setirlerde).

12-nji setiriň görkezijileri, öz gezeginde, döwletiň haýryna alnan paçlar müň manatda aýratynlykda bölünýärler, ýagny, hak isleýiş arza berlen wagtynda (16-njy setir), kazyýetiň çözgüdi boýunça (17-nji setir) we nägilelik tertipde (18-nji setir).

13-15-nji setirleriniň görkezijileri, öz gezeginde, öndürip alnan döwlet paçlarynyň agzalan pul birlikleriniň möçberlerine aýratynlykda hem bölünýärler, ýagny, hak isleýiş arza berlen wagtynda (19-njy setir), kazyýetiň çözgüdi boýunça (20-nji setir) we nägilelik tertipde (21-nji setir).

22-nji setirde döwlet pajyny tölemekden boşadylan işleriň sany görkezilip, şolaryň pul serişdeleriniň möçberi 23-nji setirde müň manatda, 24-26-njy setirlerde bolsa beýleki pullarda görkezilýär.

27-nji setirde nägilelik tertipde seredilen işleriň jemi sany görkezilip, şol sanda aşakdaky görnüşlere setirleýin bölünýär:

- nägilelik tertipde sökülen çözgütleriniň sany - 28-nji setir
- nägilelik tertipde üýtgedilen çözgütleriniň sany - 29-njy setir

30-njy setir gözegçilik tertipde seredilen işleriň jemi sany görkezilip, şol sanda aşakdaky görnüşlere setirleýin bölünýär:

- gözegçilik tertipde sökülen çözgütleriniň sany - 31-nji setir,
- gözegçilik tertipde üýtgedilen çözgütleriniň sany - 32-nji setir

**Durmuş statistika müdirligi**